# Ýazyjynyň syýasy we filosofiki lirikasy

Category: Edebiýaty öwreniş,Filosofiýa,Goşgular,Kitapcy,Oýlanmalar,Poemalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýazyjynyň syýasy we filosofiki lirikasy ÝAZYJYNYŇ SYÝASY WE FILOSOFIKI LIRIKASY

■ Hormatly okyjylar! Garaşsyzlyk we Bitaraplyk eýýamynda beýik Erkinligiň waspçysy bolan Türkmenistanyň halk ýazyjysy, Halkara Magtymguly baýragynyň eýesi Berdinazar Hudaýnazarowyň döredijiligi uly bir umman. Onuň şahyrana eserleri hem şol ummanda boý bermeýän bir deňiz.
Men bu uly şahyr hakynda giden bir makalalar toplumyny ýazdym. Şahyrymyzyň goşgularynyň syýasy we filosofiki äheňlerini açyp görkezmäge çalyşýan şu makalamy okyjylara hödürlemegi makul bildim. B.Hudaýnazarowyň paýhasa ýugrulan filosofik goşgulary, şu günki Garaşsyzlyk we Bitaraplyk bilen baglanyşykly ajaýyp eserleri tarp ýerden döremedi. Şol dana goşgularyň badalgasy hökmünde şahyryň ömürboýy ýazan goşgudyr poemalary hakynda söhbet açmak şu günem zerur bolsa gerek.

Awtor.

◇ ◇ ◇

Şahyr Berdinazar Hudaýnazarow 40-njy ýyllaryň ahyrlarynda edebiýata geldi. Onuň ilkinji ýazan goşgulary o diýen kämil bolmasa-da, duýgy ýetmezçilik edýän hem bolsa, pikir däl-de, ritoriki goşgular kän hem bolsa, garaz ýaş şahyryň goşgulary öz ýazylan döwrüne seredip baha berseň, onçakly erbedem däldi, ýöredilýän pikir sagdyndy. Eýsem-de bolsa, şol goşgular häzir kämil çykan şahyryň şu günlerki gowy goşgularynyň esasydy, gönezligidi. Şahyryň şol ýyllarda döreden «Watan hakynda aýdym» (1947), «Ýeňiş gününiň ýatlamasy» (1948), «Ene ogla garaşýar» (1947) ýaly goşgular şahyryň kem-kemden öz poçerkini

agtarýandygyna güwä geçýär.
60-njy ýyllaryň başlaryndan şahyr syýasy, filosofiki goşgulary bilen okyjylar köpçüligine özüni aldyryp başlady.
Şahyr Berdinazar Hudaýnazarow 1927-nji ýylyň 15-nji aprelinde ozalky Aşgabat oblastynyň Ýerbent raýonynyň Gyzylsakal obasynda maldaryň maşgalasynda eneden bolýar. Maşgalalary Çärjew oblastynyň Gyzylaýak raýonyna göçüp barandan soň (1941) ol «Gyzyl baýdak» kolhozynda tabelçi bolup işleýär we şol ýerde ýediýyllyk mekdebi tamamlaýar. Şahyr 1946-njy ýyldan başlap metbugat bilen aragatnaşyk açýar. Soňra bolsa, ol Kerkidäki «Täze ýol» oblast gazetine edebi işgär bolup işe ýerleşýär. Şahyr 1947-1949-njy ýyllarda Kerkidäki «Pagtaçynyň sesi» raýon gazetiniň soňky ýyllarda «Sowet Türkmenistany», Marydaky «Водстроевец» gazetleriniň redaksiýalarynda işleýär. 1955-nji ýylda Kerkiniň 4-nji mekdebini wagtyndan öň tamamlap, B.Hudaýnazarow 1957-1959-njy ýyllarda Moskwa şäherinde SSSR Ýazyjylar Soýuzynyň ýanyndaky ikiýyllyk edebiýat kursuny okap gutarýar. Soňra «Edebiýat we sungat» gazetiniň hem «Sowet edebiýaty» žurnalynyň redaksiýalarynda edebiýat bölümleriniň işlerini ýöredýär. Ol «Türkmenfilm» kinostudiýasynyň ýanyndaky kinosenaristleri taýýarlaýan kursy okap gutardy.
Şahyr öz döwri, zamandaşlary, söýgi, durmuş hakdaky oýlanmalaryny okyja özüçe ýetirip bilmegi başarýar.
Beýik rus ýazyjysy, Nobel baýragynyň laureaty M.Şolohow aýtmyşlaýyn: «Şahyr ýüreginiň görkezmesine görä ýazýar. Şahyryň ýüregi bolsa halkyň ýüreginden aýry däl». Muny Berdinazar şahyryň döredijiliginde her bir ädimde duýmak bolýar.

Poeziýa pelsepesiz oňmaýar,
Men pelsepä baş urýaryn ýene-de.

Mysal alnan ýokarly setirler şahyryň öz setirleri. Aýdyşy ýaly hem B.Hudaýnazarowyň döredijiliginde filosofik goşgular uly orun tutýar.
Biziň prozamyzda ~ türkmen poeziýasynda filosofiki lirikanyň döremegi Berdinazar Hudaýnazarowyň ady bilen baglanyşyklydyr.

Çünki, şahyryñ irki döwürde ýazan şygyrlarynda hem filosofiki äheñ duýulýardy. Onuñ goşgulary adamkärçilik duýgusyna ýugrulandygy, döwrüñ möhüm meselelerine ses goşýandygy, öz belet temasydygyny, şol zatllardan hem öz filosofik jemlemesini çykaryp bilmek bilen tapawutlanýardy. Okyjysynyñ kalbyny lerzana getirýän, onda öz güýjüne ynam döredýän, ony beýik göreşlere galkyndyrýan tüýs durmuşy poeziýa B.Hudaýnazarowyñ poeziýasydyr. Onuñ «Keramat» diýen goşgusyny mysal alyp göreliñ. Goşguda ölüm ýassygynda ýatan enäniñ ýagdaýy bilen tanyş bolýarsyñ. Ene soñky deminde hem ruhdan düşmeýär. Gaýta göwünlik berýär.

Ene hakda goşgy ýazan şahyr köpdür. Ýöne bu goşgy özboluşlylygy bilen tapawutlanýar. Ene ýaly mukaddes zatdan mahrum bolan ýetginjek derrew özüni arslan ýaly duýýar. Başa agyr gün düşende, adamyñ has hem merdana bolýandygyny enäniñ waspy edilýän şu goşgudaky ýetginjegiñ obrazynda görüp bilýäris. Göräýmäge sada ýaly bolup görünýän bu goşgynyñ filosofiýasy durşuna durmuş hakykatydyr. Bu goşgy Magtymgulynyñ: «Iş geldi, düşdi başa, merdana boldum imdi» diýen filosofiýasy bilen heñdeşdir.

Şahyryñ has soñky ýyllarda döreden goşgularyny okan mahalyñda, olaryñ güýçli filosofik duýgulara ýugrulyp ýazylandygyna aýdyñ göz ýetirýärsiñ.

Öñde belläp geçişimiz ýaly, filosofik lirika hem syýasy lirikadan üzñe däldir. Şonuñ üçin hem şahyryñ filosofiýasy onuñ uruş we parahatçylyk temasynda ýazan şygyrlarynda has aýdyñ duýulýar. «Kyrk üçünjiñ çöregi» diýen goşguda liriki gahryman uruş ýyllaryny ýatlaýar. Şol ýyllarda çöregiñ gadyrynyñ neneñ bolandygyny ýatladyp, şu bolçulygy göterinip bilmek baradaky pikirini okyjysy bilen deñ bölüşýär.

Şeýlelikde, liriki gahryman göreşilip gazanylan şu bagtly durmuşy söýmek, göterinip bilmek ýaly asylly ideýany öñe sürýär.

Şahyryñ «14 ýaşyñ ýazgylary» diýen goşgular siklinden «Taryh mugallymy» diýen goşgusy gowy filosofik goşgudyr. Şygyrfa uruş ýyllarynyñ taryh mugallymy barada gürrüñ gidýär.

Mugallymy geçen asyrlardan, taryhyñ gatyndaky uruşlardan

gürrüñ berýär. Şu ýerde şahyryñ-liriki gahrymanynyñ, mugallymyñ obrazynyñ filosofiýasy utgaşýar. Bu ýerde bolsa hakyky durmuş filosofiýasy ~ geçmişi bilmezden geljek hakda dogry kesgitleme çykaryp bolmajakdygy hakyndaky pikir orta atylýar.
Ýeke bu goşguda hem däl, sikliñ beýleki goşgularynda hem «Gözel ejäñ salam hatlary», «Ylýas aganyñ maşgalasy», «Aýallar» ýaly goşgularda hem bir hat, ýeñşe bolan ynam duýulýar. Adamzadyñ başynda durjak zadyñ ýoklugy, hemme zadyñ wagtlaýynlygy, dünýäde hemme zadyñ özgerýändigi hakyndaky filosofiýa konkret obrazlaryñ, detallaryñ üsti bilen berilýär.
Şahyryñ poeziýasy özüniñ graždanluk hyjuwy, jemgyýetçilik äheñi bilen tapawutlanýar. Şahyryñ söýgüsi tematikasy ~ ömür bilen ölüm, ynsan mertebesi bilen ar-namys, adamkärçilik ~ gumanizmdir. Awtor poeziýanyñ belebt wezipesini şeýle kesgitleýär: «Poeziýa güýmenje däl, ol diñe lezzetiñ çeşmesi hem däl, poeziýa göreşmelidir, adamlaryñ has adamkärçilikli bolmagy üçin göreşmelidir». Ine, şahyryñ şygary. Onuñ ömür we ölüm barada, durmuşda nähili ýaşamalydygy barada ýazan filosofik goşgusyny şu ýerde dolulygyna getirmegi makul bildik.

Bu peşgeş berlen çäklije ömri
Guwanyp geçiriñ,
Söýüp geçiriñ.
Kitüwden-kineden belentde boluñ,
Paýhasa, pähime uýup geçiriñ!

Özüñi tanamak bolsa näçe kyn,
Il-gün tanar ~ oña ýakyn dur, ýakyn.
Ýaşaman jahanda ogrygyn-bukyn,
Dünýän gözelligini duýup geçiriñ!

Säher yhlas bilen aglanda guşlar,
Hiç kim diñlemese, aglaýarmyşlar…
Undulmasyn dost-ýar, dogan-gardaşlar,
Sarpa saklañ, hormat goýup geçiriñ!

Ýagşy bar, ýaman bar ~ etmäli inkär,
Bigünä geldiňmi ~ gitme günäkär.
Ömrüm, tiz geçseňem geçmediň bikär –
Är kimin ýaşadym diýip geçiriň!

Şahyr Hudaýnazarowyň döredijiliginde filosofik goşgular juda köp. Şeýle goşgularyň hataryna «Esen gülek», «Guzy», «Uruşly kino», «Goşgynyň goragynda», «Ýüregime», «Hüwdi bilen ant», «Düşündiriş» ýaly goşgularyň onlarçasyny goşmak bolar.

Biz öňde türkmen edebiýatynda filosofik lirikasynyň döremegi B.Hudaýnazarowyň ady bilen baglanyşykly diýipdik…

Emma türkmen poeziýasynda filosofik lirikanyň döremegini B.Hudaýnazarowyň ady bilen baglanyşdyryp, ony birden ýüze çykan ýaly edip görkezsek, onda durşuna dünýewi pikirlerden doly, baý edebi mirasymyz bolan klassykamyza ~ Magtymgulynyň, Keminäniň, Mollanepesiň, Seýdiniň döredijiligine göz ýumdugymyz bolardy. Altmyşynjy ýyllaryň poeziýasynda köpçülikleýin ýykgyn edilip ugran filosofiki goşgular klassyk şahyrlarynyzyň dünýewi-filosofik şygyrlarynyň täzeçe öwüşginidir. Klassyk şahyrlarymyzyň filosofiki goşgularynda, esasan adam bilen adam arasyndaky gatnaşyklar, pany dünýäniň jepaly taraplary barada söhbet açylyp, liriki gahrymanlar adalatsyzlykdan zeýrenip geçen hem bolsalar, biziň döwrümiziň şahyrlarynyň goşgularynda doganlyk-dostluk, adamyň şahsy azatlygy, ýer ýüzünde betbagtçylygy, urşy, deňsizligi ýok etmek äheňleri çuňňur pikirler arkaly öňe sürülýär.

Biziň şahyrlarymyza diňe bir klassyklarymyzyň däpleri däl-de, eýsem, Ýewropa edebiýatynyň, esasan hem rus edebiýatynyň görnükli wekilleri Puşkiniň, Lermontowyň, Gorkiniň, Blogyň, W.Maýakowskiniň, S.Ýeseniniň, A.Twardowskiniň, N.Tihonowyň eserleriniň ösen doganlyk halklaryń edebiýatynyň hem belli bir derejede öz täsirini ýetirendigini, täzeçe ýazmaga, täze formalar gözlemäge kömek berendigini inkär edip bolmasa gerek. Häzirki zaman şahyrlary dünýä edebiýatynyň gowy nusgalaryny okap, özleşdiren şahyrlardyr. Şolaryň arasynda Türkmenistanyň halk ýazyjysy Berdinazar aga-da bar.

Ýurdumyz Garaşsyz hem hemişelik bitarap Döwlet bolandan soň,

Berdinazar Hudaýnazarowyň graždanlyk lirikasy has hem joşgunly ýaňlanyp başlady. Ýazyjynyň publisistik galamy has ýiti we tiz işläp başlady. Onuň Garaşsyzlyk döwründe döreden goşgularynyň özi tutuş bir kitap boldy. Garaşsyz azat zamana gojalyp başlan şahyry gaýtadan ýigdeltdi. Onuň sazanda Akmyrat Çaryýew bilen ýazan «Serdar» diýen aýdymy dilleriň senasyna öwrüldi. Indi:

Ata-babalaň ýurdy,
Gadym mekany, Serdar.
Sag bol, Garaşsyz boldy,
Boldy erkana, Serdar!

diýen setirleri bilmeýän adam ýok bolsa gerek. Ýurduň Serdaryna, onuň beýik zamanasyna guwanç, buýsanç şahyryň «Serdar halkym synlap dur», «Alla saňa gaýrat bersin», «Türkmenistan hakda aýdym», «Duzuň haky», «Gypjak obasy, 1940-njy ýyl, 19-njy fewral», «Garaşsyzlygyň müň güni» diýen goşgularynda, «Biziň Prezidentimiz», «Prezident meniň durmuşymda» ýaly publisistik makalalarynda bar. Ýazyjynyň ýurt öňündäki, il-halk öňündäki beýik borjuny aňry ýany bilen ödeýändigini aňladýan bu eserler täze döwrüň hakyky edebiýatydyr.

«Dünýäniň ähli jaýryklary meniň ýüregimiň üstünden geçýär» diýip, beýik nemes şahyry Genrih Geýne aýdan eken. Ýene bir beýik adamyň biri: «Bähbit bar ýerinde messep ýokdur» diýipdir. Bu diýildigi öz bähbidine çapýan adam, ýurduň, Watanyň, il-halkyň aladasyny edýän, öz ideýalarynyň ugrunda janyny bermäge taýýar şahsyýet bolup bilmez diýildigi bolsa gerek.

Öz bähbidinden il bähbidini ýokarda goýmagy ündemek ýaly watançylyk çagyryşlaryna, il-gün öňündäki borjuňa düşünmek hem Berdinazar aganyň hem döredijiliginiň esasy özeni bolup durýar. Şahyryň graždanlyk pozisiýasy mydama halkyň tarapynda.

Ýazyjy-şahyrlaryň öz şahsy delosy üçin öz elleri bilen ýazan terjimehaly bolýar. Ol bary-ýogy birki sahypa sygýar. Ol eserler bolsa, 1-2 sahypa ýazylman, halkyň hakydasyna ýazylýar. Halkyň hakydasyna ýazylan zatlar bolsa şol halk

ýitip ýok bolmasa, ýitip, ýok bolmaýar.

Megerem, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň zehinli ogly, Türkmenistanyň halk ýazyjysy, Magtymguly adyndaky Halkara baýragynyň eýesi Berdinazar Hudaýnazarowyň eserlerine-de şu ykbal garaşýandyr. Edebiýaty öwreniş